Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2019-njy ýylyň 9-njy oktýabryndaky
№ 93 buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 10-ot-iým «Ot-iýmleriň balansy barada hasabat» (ýyllyk)**
**döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**
**GOLLANMA**

Bu hasabatda ot-iýmleriň hasabat ýylyndaky ähli hereketleri baradaky maglumatlar ýerleşdirilýär. № 10-ot-iým «Ot-ýimleriň balansy barada hasabat» döwlet statistik hasabat formasy doldurylanda ilkinji buhgalterçilik hasabynyň resmi kagyzlaryna, oba hojalyk önümleriniň girdeji edilýän gündeligine, ot-iýmleri kabul edilýän delilnama, ot-iýmleriň çykdajy edilýän sanawnamasyna we beýlekilere esaslanylýar.

Ot-iýmler hasabatda ot-ýim birliginde görkezilýär: ot-iýmler şertli ot-iým birligine geçirilende laboratoriýa barlaglarynyň netijesinde degişli hasabatlar düzülýär. Laboratoriýa barlaglaryny geçirmäge mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda ot-iýmleriň gymmatyna laýyklykda kada boýunça bahalandyrylyp görkezilýär. Şeýlelikde, ot-iýmleriň görnüşleri boýunça aýry-aýrylykda ot-iým şertli birligine geçirilýär. Ot-iýmleriň ähli görnüşleri şertli ot-iým birligine geçirilende aşakdaky koeffisiýentlere laýyklykda hasaplanylýar.

| | |
|---|---|
| Ot-iýmlik köki miweliler | 0,12 |
| Ot-iýmlik bakja ekinleri | 0,12 |
| Siloslyk üçin mekgejöwen | 0,20 |
| - gök ot üçin | 0,35 |
| Birýyllyk otlar: | |
| bede üçin | 0,45 |
| gök ot we senaž üçin | 0,35 |
| Köpýyllyk otlar: | |
| bede üçin | 0,45 |
| gök ot we senaž üçin | 0,35 |
| Siloslyk ekinler (silos) | 0,20 |
| Ösümlik uny | 0,70 |
| Iri baldakly ot-iýmler | 0,29 |
| Mal iými üçin gant şugundyry | 0,26 |

1 sütünde **«Ot-iýmleriň ähli görnüşleri»** ot-iýmleriň ähli görnüşleri görkezilýär (ýokumy güýçlendirilen iýmler, iri baldakly ot-iýmler, bede, silos we beýleki görnüşler).

2 sütünde şol sanda **«Ýokumy güýçlendirilen iýmler»** ähli ýokumy güýçlendirilen iýmler görkezilýär (ot-iýmlik däneler, kepek, sarun, künjara, witaminli ot unlary we beýlekiler girýärler).

3 sütünde **«Iri baldakly ot-iýmler»** iri baldakly ot-iýmler görkezilýär (bede, senaž, saman, mekgejöwen, ýandak, gamyş we beýlekiler).

4 sütüne **«Silos» -** köki miweliler, ýorunja, gök ot üçin ekilen mekgejöwen, kartoşka, gök we bakja ekinleri girýärler.

5 sütüne **«Beýleki görnüşleri»** karhananyň azyk senagatynyň gaýry galyndylary we beýleki görnüşleri girýärler.

01-nji setirde **«Ýylyň başyna bar bolan ot-iýmler»** - hojalykda ýylyň başyna bar bolan ähli ot-iýmler görkezilýär. Muňa saklanýan ýerine garamazdan ätiýaçlyk (gorundaky) ot-iýmleriň hemmesi girýärler.

02-nji setirde **«Taýýarlanany-hemmesi» -** hasabat ýylynyň dowamynda hojalygyň özünde öndürilen we öz güýçleri bilen başga hojalyklarda taýýarlanan delilnama bilen girdeji edilen ot-iýmleriň ählisi görkezilýär.

02-nji setiriň 2 sütüninde ýokumy güýçlendirilen iýimler, şeýle-de 5 sütünde görkezilen güýz, tomus aýlarynda göklügine orlup berlen we otlaryň beýleki görnüşleri görkezilýär. Şeýle hem 03-nji setiriň sütüninde hojalyklaryň geçen ýylda maldarçylyk üçin ýetişdiren ot-iýimlik ekinleri, däne galyndylary, 5 sütünde kartoşka, gök we bakja ekinlerinden taýýarlanan ot-iýimler, süýt, ýagy alnan süýt, aýran we gaýry galyndylar (köki miweli ekinleriň günebakaryň başy, pazyllary, biýaralary) görkezilýär.

03-nji setirde **«Oba hojalyk kärhanalaryň özleriniň maldarçylygy üçün taýýarlany» -** oba hojalyk kärhanalaryň, daýhan hojalyklaryň, eýeçiligiň görnüşine garamazdan oba hojalyk önümlerini öndürýän ähli kärhanalar özleriniň maldarçylygy üçün taýýarlan ot-iýmleriniň ählisi görkezilýär.

04-nji setirde **«Alyş-çalyş we beýleki usul bilen taýýarlanany (öri meýdanlarda taýýarlanany hem goşmaly)» -** alyş-çalyş we beýleki usul bilen taýýarlanan hojalygyň däne, pagta ekinleri bilen alyş-çalyş edilen we ilatdan, kärendeçilerden şertnama esasynda alnan ot-iýmler görkezilýär. Haçanda hojalyklar alyş-çalyş maksady bilen taýýarlaýyş kärhanalaryna derek puluny alan bolsa ýa-da dänäniň bahasy tölenen bolsa, onda ol 4-nji setirde görkezilmeýär. (5-nji setirde görkezilýär).

05-nji setire **«Satyn alnany»** - tölenip alnan ähli ot-iýmler girýärler. Taýýarlaýyş edaralaryna, kärhanalaryna ýagy alynýan önümler (pagta, günebakar çigidi we beýlekiler) satylanda oňa derek hojalyklar ýokumy güýçlendirilen iýmler, sary un we beýleki ot-iýmler alan bolsalar, onda ol ot-iýmler 5-nji setirde görkezilýär.

06-njy setirde **«Sarp edileni - hemmesi» -** sarp edilen ot-iýmleriň ähli mukdary (07+16+18+19 setirler) görkezilýär.

07-nji we 14-nji setirleriň aralygynda mallaryň we guşlaryň görnüşleri boýunça sarp edilen ot-iýmleriň ählisi görkezilýär. 15-nji setirde 7-nji setirden – sarp edilen ot-iýmleriň öri meýdanlarda taýýarlanan möçberi görkezilýär.

16-njy setirde **«Satylan ot-iýmler-hemmesi» -** taýýarlaýyş edaralaryna, beýleki hojalyklara, ilata satylan we zähmet hakynyň hasabyna berlen ot-iýmler görkezilýär. 17-nji setirde **«Şolardan ilata satylany»** - ot-iýmleriň ilata satylany we ilata zähmet hakynyň hasabyna berleni, pul hasaplaşygy we şertnama esasynda göýberilen ot-iýmler görkezilýär. 18-nji setirde **«Mallaryň ýatagyna düşemek üçin ulanylany»** - mallaryň ýatagyna düşemek üçin ulanylan ot-iýmler görkezilýär.

19-njy setirde «**Ýitgi - jemi**» - bellenilen tebigy möçberden artyk ýitgiler we kemçilikler, ýagny balansdan çykarylany, bellenilen tertipde resmileşdirilen ot-iýmleriň mukdary görkezilýär. Maddy taýdan jogapkär adamlaryň ot-iýmleriň ýitgisinden we kemçiliklerden hojalyga ýetiren zyýany ot-iýmleriň mukdarynda ýa-da pul görnüşinde görkezilýär.

20-nji setirde **«Şolardan tebigy zyýanyň netijesinde»** tebigy zyýanyň netijesindäki ýitginiň mukdary görkezilýär.

21-nji setirde **- «Hasabat döwrüniň ahyryna galan ot-iýmler»** -hojalykda ýylyň ahyryna galan ähli ot-iýmler, saklanýan ýerine garamazdan, ätiýaçlyk gaznasyndakyny hem goşmak bilen görkezilýär.

**Oba hojalygynyň statistikasy**
**we seljerişi müdirligi**